# Angela Merkel

Category: Kitapcy,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Angela Merkel ANGELA MERKEL




Germaniýanyñ ilkinji zenan we ikinji jahan urşundan bäri iñ ýaş premýer-ministri Angela Merkel 1954-nji ýylyñ 17-nji iýulynda Gamburg şäherinde dünýä indi.
Mekdepde okap ýörkä rus dilini suwara öwrenen Merkel matematika ugrundan aýratyn tapawutlanandygy üçin ýörite sylaga mynasyp bolupdyr.
Templinde bilim alan Merkel 1973-1978-nji ýyllarda Leýpsig uniwersitetiniñ fizika fakultetinde okady.
1978-1990-njy ýyllarda Berlin-Adlershof Ylymlar akademiýasynyñ Merkezi fizika-himiýa institutynyñ okady we kwantum himiýasynda doktorlyk dissertasiýasyny gorady. Bu ugurdan birnäçe ylmy makalalary ýazdy.
1989-njy ýylda Berlin diwarynyñ ýykylmagyndan soñ güýjän demokratik hereketiniñ agzalary bilen bile «Demokratischer Aufbruch» partiýasyna girdi we syýasata aralaşdy.
1990-njy Germaniýa Demokratik respublikasynyñ Lotar de Mezýeriñ ýolbaşçylyk edýän iñ soñky hökümetine wekilçilik etdi.
Şol ýyl Germaniýanyñ birikmesinden iki aý öñ Hristian Demokratik partiýasyna kabul edildi we bitewi Germaniýanyñ birinji saýlawlarynda Federal nemes mejlisine saýlandy. Şondan üç aýdan soñ Aýal-gyzlar we ýaşlar ministri bolup Ministrler kabinetine girdi.
2000-nji ýylda korrupsiýa boýunça turan dawalarda partiýanyñ ýolbaşçysy wezipesine getirildi.

2005-nji ýylyň 18-nji sentýabryndaky saýlawlarda Merkel bilen Şrýoder başa-baş bäsleşdi. Merkel sesleriň 35.2 %-ni aldy, Schröder 34.2 %-ni aldy.
Sosial-demokratik partiýanyň ýolbaşçylary bilen Hristian-demokratik partiýanyň agzalary Merkeli premýer-ministr wezipesine oturtmak barada ylalaşyga geldiler.
Nemes ykdysadyýetini gowulandyrmak, barha artýan işsizligi minimal derejä düşürmek, daşary syýasatda ABŞ bilen arasy açylan gatnaşyklary düzeltmek Merkeliň işiniň esasy bölegini düzýär.
Ulrih Merkelden aýrylyşandan soň professor Ioahim Zauer bilen goş birikdiren we bir çaga-da dogurmadyk Merkel 2009-njy ýylda ikinji gezek premýer-ministr wezipesine saýlandy.
2028-nji ýylyň sentýabr aýynda eden çykyşynda partiýanyň başlyklygyndan el çekjekdigini we syýasatdan gitjekdigini aýdan Merkel premýer-ministrlik wezipesinde 2021-nji ýyla çenli işländen soň pensiýa çykjakdygyny mälim etdi.
# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar. Zenan şahsyýetler